Önümçilik senenamasy 2026-njy ýyl

(23.09.2026 girizilen üýtgetmeler bilen)

	Ýanwar					Fewral						Mart						
Duşenbe		5	12	19	26		2	9	16	23			2	**9**	16	**23**	30	
Sişenbe		6	13	20	27		3	10	17	24			3	10	17	24	31	
Çarşenbe		**7**	14	21	28		4	11	18	25			4	11	18	25		**I**
Penşenbe	**1**	8	15	22	29		5	12	19	26			5	12	19	26		**çärýek**
Anna	2	9	16	23	30		6	13	20	27			6	13	**20**	27		
Şenbe	3	10	17	24	31		7	14	21	28			**7**	14	**21**	28		
Ýekşenbe	**4**	**11**	**18**	**25**		**1**	**8**	**15**	**22**			**1**	**8**	**15**	**22**	**29**		
Iş wagty (sagatlarda) 40 sagatlyk iş hepdesinde (8 sagatlyk iş güni`	**168**					**160**						**151**						**479**
Iş wagty (sagatlarda) 40 sagatlyk iş hepdesinde (7 sagatlyk iş güni`	**172**					**160**						**147**						**479**
Iş wagty (sagatlarda) 36 sagatlyk iş hepdesinde (6 sagatlyk iş güni)	**156**					**144**						**132**						**432**
	Aprel					**Maý**						**Iýun**						
Duşenbe		6	13	20	27		4	11	**18**	25		1	8	15	22	29		
Sişenbe		7	14	21	28		5	12	19	26		2	9	16	23	30		
Çarşenbe	1	8	15	22	29		6	13	20	**27**		3	10	17	24			**II**
Penşenbe	2	9	16	23	30		7	14	21	**28**		4	11	18	25			**çärýek**
Anna	3	10	17	24		1	8	15	22	**29**		5	12	19	26			
Şenbe	4	11	18	25		2	9	16	23	30		6	13	20	27			
Ýekşenbe	**5**	**12**	**19**	**26**		**3**	**10**	**17**	**24**	**31**		**7**	**14**	**21**	**28**			
Iş wagty (sagatlarda) 40 sagatlyk iş hepdesinde (8 sagatlyk iş güni)	**176**					**135**						**176**						**487**
Iş wagty (sagatlarda) 40 sagatlyk iş hepdesinde (7 sagatlyk iş güni)	**174**					**143**						**174**						**491**
Iş wagty (sagatlarda) 36 sagatlyk iş hepdesinde (6 sagatlyk iş güni)	**156**					**132**						**156**						**444**
	Iýul					**Awgust**						**Sentýabr**						
Duşenbe		6	13	20	27		3	10	17	24	31		7	14	21	**28**		
Sişenbe		7	14	21	28		4	11	18	25		1	8	15	22	**29**		
Çarşenbe	1	8	15	22	29		5	12	19	26		2	9	16	23	30		**III**
Penşenbe	2	9	16	23	30		6	13	20	27		3	10	17	24			**çärýek**
Anna	3	10	17	24	31		7	14	21	28		4	11	18	25			
Şenbe	4	11	18	25		1	8	15	22	29		5	12	19	26			
Ýekşenbe	**5**	**12**	**19**	**26**		**2**	**9**	**16**	**23**	**30**		**6**	**13**	**20**	**27**			
Iş wagty (sagatlarda) 40 sagatlyk iş hepdesinde (8 sagatlyk iş güni)	**184**					**168**						**160**						**512**
Iş wagty (sagatlarda) 40 sagatlyk iş hepdesinde (7 sagatlyk iş güni)	**181**					**172**						**160**						**513**
Iş wagty (sagatlarda) 36 sagatlyk iş hepdesinde (6 sagatlyk iş güni)	**162**					**156**						**144**						**462**
	Oktýabr					**Noýabr**						**Dekabr**						
Duşenbe		5	12	19	26		2	9	16	23	30		7	14	21	28		
Sişenbe		**6**	13	20	27		3	10	17	24		1	8	15	22	29		
Çarşenbe		7	14	21	28		4	11	18	25		2	9	16	23	30		**IV**
Penşenbe	1	8	15	22	29		5	12	19	26		3	10	17	24	31		**çärýek**
Anna	2	9	16	23	30		6	13	20	27		4	11	18	25			
Şenbe	3	10	17	24	31		7	14	21	28		5	**12**	19	26			
Ýekşenbe	**4**	**11**	**18**	**25**		**1**	**8**	**15**	**22**	**29**		**6**	**13**	**20**	**27**			
Iş wagty (sagatlarda) 40 sagatlyk iş hepdesinde (8 sagatlyk iş güni)	**167**					**168**						**182**						**517**
Iş wagty (sagatlarda) 40 sagatlyk iş hepdesinde (7 sagatlyk iş güni)	**171**					**167**						**174**						**512**
Iş wagty (sagatlarda) 36 sagatlyk iş hepdesinde (6 sagatlyk iş güni)	**156**					**150**						**156**						**462**

Iş wagtynyň ýyllyk gory

40 sagatlyk iş hepdesinde (8 sagatlyk iş güni) iş günler	40 sagatlyk iş hepdesinde (7 sagatlyk iş güni) iş günler	36 sagatlyk iş hepdesinde (6 sagatlyk iş güni) iş günler
1995	**1995**	**1800**

166,3 - 40 sagatlyk iş hepdesi

150 - 36 sagatlyk iş hepdesi

Türkmenistanyň ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, welaýatlaryň, Aşgabat we Arkadag şäherleriniň häkimlikleriniň hem-de döwlete dahylly bolmadyk ýuridiki we fiziki taraplaryň dykgatyna!

2026-njy ýylyň önümçilik senenamasy hakynda
(23.09.2026 ý girizilen üýtgetmeler bilen)

Iş wagtynyň ölçegleri 8 sagatlyk iş gününden ugur alnyp bäş günlük 40 sagatlyk iş hepdesiniň, 7 sagatlyk iş gününden ugur alnyp alty günlük 40 sagatlyk iş hepdesiniň we 6 sagatlyk iş gününden ugur alnyp alty günlük 36 sagatlyk iş hepdesiniň senenamasy boýunça hasaplanandyr.

Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 81-nji maddasyna laýyklykda, şu aşakdaky baýramçylyk we hatyra günlerinde kärhanalarda, guramalarda we edaralarda işlenilmeýär: 1-nji ýanwar - Täze ýyl baýramy; 8-nji mart - Halkara zenanlar güni; 21-22-nji mart - Milli bahar baýramy; 18-nji maý - Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni; 27-nji sentýabr - Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni; 6-njy oktýabr - Hatyra güni; 12-nji dekabr - Halkara bitaraplyk güni. Şeýle hem 2026-njy ýylda 20-nji martda - Oraza baýramy we 27-28-29-njy maýda - Gurban baýramy belleniler. Şu günleriň öňündäki günüň iş wagty Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 61-nji maddasyna laýyklykda 1 sagat ir tamamlanmalydyr.

Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 62-nji maddasyna laýyklykda, iş tertibi düzülende gijeki iş wagtynda işiň dowamlylygynyň 1 sagat gysgalýandygy göz öňünde tutulmalydyr. Şol sebäpli, iki dynç alyş günli, bäş günlük iş hepdesinde üç iş çalşygynda işleýänleriň iş wagtynyň ýyllyk gory, her gijeki iş wagtynyň 1 sagadynyň hasabyna azalýar.

Gijeki işiň dowamlylygy önümçiligiň şertlerine görä zerur bolan halatlarda, hususan-da üznüksiz önümçiliklerde, şonuň ýaly-da bir dynç alyş günli alty günlük iş hepdesi mahalyndaky çalşykly işlerde gündizki iş bilen deňleşdirilýär.

Beýan edilenler bilen baglylykda, 2026-njy ýylda sagatlaýyn tarif möçberleriniň iş wagtynyň ortaça aýlyk dowamlylygynyň (sagatlarda) gaýtadan hasaplanylyşy şu aşakdaky ýaly bellenilýär:

40 sagatlyk iş hepdesi üçin – 166,3
36 sagatlyk iş hepdesi üçin – 150.

Bellik: Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň 2026-njy ýylyň 25-nji sentýabryndaky 02/1785 belgili haty bilen Türkmenistanyň ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň hem-de welaýatlaryň, Aşgabat we Arkadag şäherleriniň häkimlikleriniň dykgatlaryna ýetirildi.